# Wiktor Pelewin

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar,Söhbetdeşlik,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Wiktor Pelewin WIKTOR PELEWIN




Wiktor Olegowiç Pelewin, 1962-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Moskwada doglan rus ýazyjysydyr. Onuň "Omon Ra", "Çapaýew we Boşluk", "Generation P", "Empire V" atly romanlary özboluşly meşhurlyga eýedir. Ol öz eserleri üçin birnäçe edebiýat baýraklaryna, şol sanda 1993-nji ýylda "Kiçi Buker" we 2004-nji ýylda "Milli bestseller" baýraklaryna mynasyp boldy.
W.Pelewiniň ejesi Zinaida Semenýonowna Ýefremowa ol doglanda gastronomyň (azyk dükanynyň) direktory, kakasy Oleg Anatolýewiç Pelewin, Bauman adyndaky Moskwaň döwlet tenhologiki uniwersitetiniň harby kafedrasynyň mugallymy ekeni.
W.Pelewin 1979-njy ýylda 31-nji iňlis dilli ýöriteleşdirilen mekdebi tamamlap, Moskwaň Energetika institutynyň Senagatyň hem ulag ulgamynyň elektrik üpjünçiligi we awtomatlaşdyrylmagy fakultetine okuwa girýär. 1985-nji ýylda ýokary okuwyny tamamlandan soň W.Pelewin şol ýokary okuw mekdebiniň Elektrik ulaglary kafedrasyna inžener wezipesine işe kabul edilýär. Şol ýyllarda ol SSSR-iň Harby-howa güýçlerinde möhletleýin harby gullugy geçipdir.
1987-nji ýylda W.Pelewin şol ýokary okuw mekdebine aspirantlyk

okuwyna giripdir. 1989-njy ýylda-da “Asinhron hereketlendirijili şäher trolleýbusynyň elektrogeçirijisiniň taslamasy” diýen tema boýunça dissertasiýasyny goraman, taşlap gaýdýar.
1989-njy ýylda W.Pelewin M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutynyň gaýybana bölümine (Mihail Lobanowyň kyssasynyň amaly-söhbetdeşlik bölümine) okuwa girýär. Emma ol ýerde 1991-nji ýyla çenli okansoň, ony “institutdan üzňeleşmek üçin” diýen aňlatma bilen okuwdan çykarypdyrlar. W.Pelewiniň özüniň soňraky beýan etmelerine görä: “edebiýat institutyndaky okuw oňa hiç zat bermändir”.
Edebiýat institutynda okap ýören wagty W.Pelewin ýaş kyssaçy Albert Ýegazarow hem-de şahyr we edebiýat tankytçysy Wiktor Kulle bilen tanyş bolýar. A.Ýegazarow we W.Kulle ilki “Gün”, soňra “Garga”, soňra “Hekaýat” diýlip atlandyrylan neşirýaty döredýärler. Şol neşirýat üçinem W.Pelewin redaktor hökmünde amerikan ýazyjysy Karlos Kastanedaň üç jiltlik eserler ýygyndysyny taýýarlapdyr.
1989-1990-njy ýyllarda W.Pelewin “Ýüzbe-ýüz” («Face to Face») atly žurnalyň ştatdaky habarçysy bolup işläpdir. Ondan başga-da ol şol ýyllar “Ylym we din” atly žurnalda-da işläp, şol neşir üçin gündogar mistisizmi boýunça maglumatlary taýýarlapdyr. Onuň ilkinji hekaýasy “Sahyh Ignat we adamlar” atly hekaýasam hut şol žurnalda çap edilipdir.
1992-nji ýylda W.Pelewin “Mawy çyrag” atly birinji hekaýalar ýygyndysyny çap etdiripdir. Ilkibada ol ýygynda üns berilmedigem bolsa, yz ýanyndaky ýyl W.Pelewin şol kitaby üçin Kiçi buker baýragyny, 1994-nji ýylda bolsa “Interpressikon” hem-de “Altyn süýrenjeň” baýraklaryny alypdyr.
1992-nji ýylyň martynda W.Pelewiniň “Omon Ra” atly romany “Baýdak” žurnalynda çap edilýär. Bu roman ýüzüniň ugruna edebiýat tankytçylarynyň ünsüne düşüp, Buker baýragyna hödürlenipdir. 1993-nji ýylyň aprelinde bolsa W.Pelewiniň “Mör-möjekleň durmuşyndan” atly ýene-de bir romany şol žurnalda neşir edilipdir.
1996-njy ýylda şol žurnalda W.Pelewiniň “Çapaýew we Boşluk” romany neşir edilipdir. Ol roman hakda tankytçylar Russiýada ilkinji “dzen-buddizm” romany diýip bellik edipdirler. Ýazyjyň özi bolsa, ol roman hakda: “wakalary doly (absolýut) boşlukda bolup geçýän ilkinji roman” diýip aýdypdyr. Roman 97-nji ýylda “Gezende-97” baýragyny alypdyr, 2001-nji ýylda bolsa şu žanrda

ýazylýan eserler üçin dünýäde iň uly we abraýly baýrak bolan “International Impac Dublin Literary Awards” baýragynyň gysga sanawyna (şort-list) giripdir.
1999-njy ýylda W.Pelewiniň “Generation P” atly romany çykypdyr. Bu romanyň bütin dünýäde 3,5 million sanysy satylyp, ol dürli edebiýat baýraklaryna, şol sanda Rihard Şýonfeld adyndaky nemes baýragyna-da mynasyp bolup, öz çygrynda nusgalyk esere öwrülipdir.
2003-nji ýylda, bäş ýyllap hiç bir eseri çap bolmandan soň W.Pelewiniň “Geçiş döwrüniň dialektikasy. Hiç ýerden hiç ýere” (GDD.HH) atly romany çap bolupdyr. Bu roman üçin ýazyjy şol ýylda Apollon Grigorýewiň baýragyny hem-de 2004-nji ýylda “Milli bestseller” baýragyny alypdyr.
2006-njy ýylda W.Pelewiniň “Empire V” atly romany neşir edilipdir. Bu romanyň ýazgysy bolsa ol heniz çap edilmänkä internetde peýda bolýar. Kitaby neşir eden “Eksmo” neşirýatynyň işgärleri bu ýagdaýyň kitabyň tekstiniň ogurlanmagy zerarly ýüze çykandygyny yglan edipdirler. Emma, käbir tankytçylar bu ýagdaýyň neşirýatyň özüniň marketing pirimidigini aýdypdyrlar.
2009-njy ýylyň oktýabrynda W.Pelewiniň “t” atly romany çap edilipdir. Şol kitaby üçin ýazyjy, şol ýylam Russiýaň “Uly kitap” milli edebiýat baýragynyň eýesi hem-de okyjylaň ses berlişiginiň ýeňijisi bolupdyr.
2011-nji ýylyň dekabrynda W.Pelewin “S.N.U.F.F.” atly romanyny neşir etdiripdir. 2010-njy ýylyň fewralynda onuň bu romany “Ýylyň kyssasy” diýen ugur boýunça “Elektron kitap” baýragyna mynasyp bolupdyr.
Edebiýat tankytçylary W.Pelewiniň ýazyş usulynda buddizm äheňlerinden başga-da, postmodernizme we absurdizme ýykgyn etmek alamatlaryny hem görüpdirler. Ondan başga-da ýazyjyň eserlerinde ezoteriki dessurlar we ylmy fantastikaň satiriki tilsimlerem bar.
W.Pelewiniň kitaplary ençeme dillere, şol sanda hytaý we ýapon dillerine-de terjime edilen.
Internetde giňden ýaýran käbir myş-myşlara görä, “Wiktor Pelewin” atly ýazyjy hakykat-da bolman, şol tahallusyň astynda awtorlaryň topary işleýärmiş. W.Pelewiniň köpçülikleýin çärelere gatnaşmazlygy, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmezligi, öz muşdaklary bilen gatnaşyk saklamazlygy we öz ýaşaýan salgysyny gizlemegi, bu myş-myşlara

hasam şüweleň berýär.
Maglumatlara görä, W.Pelewin Hytaý, Ýaponiýa, Nepal, Hindistan, Günorta Koreýa ýaly gündogar ýurtlaryna ýygy-ýygydan syýahata gidýär. Onuň buddizm bilen işjeň gyzyklanmagam hut şol sebäpden gelip çykýar.
Maglumatlara görä, W.Pelewin sallah we ol häzirki güne çenli Moskwada ýaşamagyny dowam edýär.
*Çeşmesi: https://ru.wikipedia.org/wiki/Пелевин.14.09.2022ý.*
Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly